# Bürgüdiñ ölümi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bürgüdiñ ölümi BÜRGÜDIÑ ÖLÜMI

Algyr bürgüt,
Garrap soňky deminde,
Kän aýlandy,
Ýylçyr gaýañ deñinde.

Oba göçüp,
Aw awlanýan döwürden,
Garrylyk bürgüdi
Gysdy-gowurdy.

Ol ýowuz ykbala
Boýun burmady…
Özün gaýa,
Urup ölen bürgüdi,

Hol aşakda,
Gagyldaşýan gargalar,
Şowhun bilen
Taýýar awdan garbanan,
Çaýkel, gulatylar, ýene-ýeneler
Bu beýik ölümi hatda añmady.
…Dag öz syrdaşynyñ merdem ölümne,
Dymma ata deýin sessiz aglady.

Akmyrat MUHADOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 04.12.1987 ý. Goşgular